# Töwhidiñ fazileti.

Rahman we Rahym bolan Allahyñ ady bilen.

Abdullah ibn Abbas radiýallahu anhuma aýdýar: Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem Muazy Ýemene ugradanda Oña şeýle diýdi: **“Seniñ gidýän** (ýeriñ ýaşaýjylary) **ähli-kitapdandyr[1]. Olary ilki bilen çagyrjak zadyñ: Lä ilähe illallaha şaýatlygy bolsun,** başga bir rowaýatda: **Allahy birlemek (töwhit etmek) bolsun,** başga rowaýatda bolsa: **Allah azze we jelleýe ybadat etmek bolsun, diýýär. Eger bu meselede saña boýun egseler, Allahyñ olara bir gije-gündizde bäş wagt namazy parz kylanyny bildir. Bu meselede saña boýun egseler, öz baýlaryndan alyp garyplaryna bermek üçin Allahyñ olara zekaty parz edenini öwret. Eger bu meselede-de saña boýun bolsalar, mal-mülkleriniñ iñ gymmadyny almakdan saklan. Muzlimiñ** (haksyzlyk edilen kişiniñ) **doga-dileginden** (gargyşyndan) **seresap bol. Çünki onuñ doga-dilegi bilen Allahyñ arasynda perde ýokdur.”** *(Buhari we Muslim)*

Hadysdan çykan peýdalar:

1- Lä ilähe illallahyñ fazileti we onuñ ynsana parz edilen ilkinji zatdygy.

2- Yslama dagwat etjek kişileriñ, ilki bilen ynsanlara nämäni öwretmeginiñ wajipligi aýdylýar. Ol hem Lä ilähe illallah şaýatlygydyr.

3- Lä ilähe illallahyñ manysy, ol hem Allahy ybadatda birlemekdir, ýagny ýeke-täk Allaha ybadat etmekdir.

4- Lä ilähe illallahy tassyk etmek, ähli amallaryñ kabul bolmagy üçin şertdir.

5- Bäş wagt namazyñ fazileti (üstünligi).

6- Zekatyñ fazileti. Zekat köp hadyslarda we aýatlarda töwhid we namaz bilen bilelikde aýdylyp geçilýär.

7- Zekatyñ berilmeli ýerlerinden biriniñ aýdylmagy: Ol hem garyplardyr.

8- Bir ýurdyñ zekatyny ilki bilen berilmeli ýeri, şol ýurduñ garyplarydyr.

9- Allamakdan we mal-mülkiñ (zekadyñ) iñ gymmadyny almagyñ gadagan edilmegi. Bu hem Yslam şerigatynyñ adalatydyr.

10- Zulumdan we zulum edilen (haksyzlyk edilen kişiniñ) doga-dileginden, gargyşyndan ägä bolmak.

**Muhammed bin Merzuk ed-Dijäni: el-Erbaune hadiýsen fiý fazli Lä ilähe illallah, Takdim: Salih bin Fewzan bin Abdilläh el-Fewzan.**

1. Ähli-Kitap diýip, Ýehudy we Hristianlara aýdylýar.